# Güýzler gelende

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Güýzler gelende GÜÝZLER GELENDE

Ýaşymyň üstüne bir ýaş goşular,
Bu güýzler gelende, güýzler gelende.
Göge galar gider göwün guşumam,
Hoş sözlerden ýaňa ýüzler gülende.

Dünýäň eleginde elener ynsan,
Saklansa ýagşydyr syrlarym pynhan,
Hak aşyk boluban bir däli porhan,
Kalby dolup daşar ýaryn görende.

Ömrüm goşa gelen ýaza meňzesin,
Göwnüm ganat geren gaza meňzesin,
Görülmedik ýyljak gara meňzesin,
Arzuwlam wysala gujak gerende.

Bagyşlaň, şygyrlam kä bärden gaýdar.
Niýetiňi ýüz däl, ýürekler aýdar.
Şo-ol süýji günleriň gadyry artar,
Ykbal kynçylykdan sowgat berende.

Ýollar uzar gider ýakyna-daşa,
Munda ak ynamy kalbyňda daşa!
Zelel-zyýan çekip, zar bormy aşa?!
Gullar Haka tarap golun serende.

Ömür harman deýin, wagtam degirmen
Arkaňdan gürlemen, ýüze diýer men.
Gerekse, Watana janym berer men!
Ýürek namart olmaz ýurdun söýende.

Başa ne geljegin kimseler duýmuş?!
Soňundan hasaply bazardyr durmuş.
Şöhrat däl, abraýyň dagyna dyrmyş,

Göwün pesde galsyn, çyksak belende.

Saglyk – uly baýlyk, tapylmaz deňi,
Her zat wagtynda bor, bardyr öz çeni.
Şygyrlarym dünýä aýlarlar meni,
Adym bu älemge äşgär bolanda.

Nury SAKÇYÝEW.

«Garagum» žurnaly, 3/2022 ý. Goşgular